# Öý

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Öý

ÖÝ

Toý-meýlisem edilenok,
Çilim dagam çekilenok,
Çekseňem çekmeli eýwana çykyp.
Myhman gelse, gülüp garşy alnanok,
Gapyny açýarlar ýüz-gözün çytyp.

Gymmatbaha zatdan doly içeri,
Ellemek bolanok,
Görmek bolanok.
Şeýle bir parahat bu öýüň içi,
Işiň çykaýsa-da,
                              barmak bolanok.

Kitaplar dur açylman,
Okalman,
                 idelmän tekjede durlar.
Ellense,
               okalsa, köneljek olar.
Okamak hökman däl,
Otaga görk berip dursalar bolar…

Ýatmak üçin ýaradylan diwanyň
Üstüniň örtüsin serpmek bolanok.
Bu öýe bir özüň barmak bolanok,
Ýanyň bilen adam eltmek bolanok.

Oturgyç dur oturdylman,
Haly dur orta ýazylman.
Çyralaryň diňe biri ýanyp dur.
Galany dur ýakylman,

Gazany dur saralman,
Çemçeler dur lowurdaşyp.

Bu öýdäki bäş adam
Bu öýe garawul gezek-gezegne.
Bu öýe hiç kime garaşylmaýar,
Garaşylýar bir-biregiñ gelerne,
Ýa-da aýlyk,
                      ýa-da baýlyk gelerne!

Tötänleýin jyññyrdaýsa telefon:
"Kakam ýok,
Ejem ýok!.." diýýär çagalar.
…Dogrudanam,
                            bu dünýäde ýok olar.

Atamyrat ATABAÝEW.

Goşgular